**Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2014-nji ýylyň 8-nji maýynda 761 san bilen bellige alyndy**

**Türkmenistanyň Merkezi bankynyň müdiriýetiniň başlygynyň 2014-nji ýylyň aprel aýynyň « 25 » çykaran № 156-iş buýrugy bilen tassyklandy**

# Türkmenistanyň raýatlaryna aşgabat şäherinde täze gurlan jaýlardan öýleri satyn almaga gozgalmaýan emläk üçin karz bermegiň TERTIBI

## I.Umumy düzgünler

1. Türkmenistanyň raýatlaryna Aşgabat şäherinde täze gurlan jaýlardan öýleri satyn almaga gozgalmaýan emläk üçin karz bermegiň Tertibi (mundan beýläk – Tertip) Türkmenistanyň Raýat kodeksine, “Türkmenistanyň raýatlarynyň gozgalmaýan emlägi satyn almagy üçin karzlar hakynda” Türkmenistanyň Prezidentiniň 2007-nji ýylyň 27-nji dekabrynda çykaran 9327-nji kararyna, “Has oňaýly we otaglarynyň ýerleşişi gowulandyrylan ýaşaýyş jaýlaryndaky öýleri ýerlemegiň tertibini kämilleşdirmek hakynda” Türkmenistanyň Prezidentiniň 2008-nji ýylyň 23-nji iýunynda çykaran 9875-nji kararyna we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda, Türkmenistanyň raýatlarynyň Aşgabat şäherinde täze gurlan jaýlardan öýleri satyn almaklary üçin şertleri döretmek maksady bilen işlenip taýýarlanyldy.

2. Şu Tertip Türkmenistanyň «Prezidentbank» Döwlet täjirçilik banky (mundan beýläk-Bank) tarapyndan Türkmenistanyň raýatlaryna (mundan beýläk-Karz alyjy) Aşgabat şäherinde täze gurulýan we satylýan ýaşaýyş jaýlardan öýleri (mundan beýläk-Öý) satyn almaklyga gozgalmaýan emläk üçin karz berlişiniň ulgamyny düzgünleşdirýär.

3. Gozgalmaýan emläk üçin karz 30 (otuz) ýyldan köp bolmadyk möhlet bilen berilýär.

4. Şu Tertibe laýyklykda, gozgalmaýan emlägi satyn almak üçin berilýän karzlar boýunça göterim tölegini ýylda 1 (bir) göterim derejesinde hem-de esasy bergini üzmek boýunça karz şertnamasynyň baglaşylan senesinden 5 (bäş) ýyla çenli ýeňillikli döwür bellenilýär.

5. Ýeňillikli döwrüň möhletini bäş ýyldan köp möhlete yza süýşürilmäge ýol berilmeýär.

6. Türkmenistanyň Merkezi bankynyň karz serişdeleriniň hasabyna Bankyň şol bir raýata ýokarda görkezilen şertlerde iki gezek karz bermäge hukugy ýokdur.

7. Aşgabat şäherinde täze gurulan ýaşaýyş jaýlardan Öýleri ýeňillikli şertlerde ýerleýän ministrlikleriň, pudak edaralarynyň işgärleri bolan Karz alyjylara Bank satyn alynýan öýüň bahasynyň 50 göterimden ýokary bolmadyk möçberde gozgalmaýan emläk üçin karz berýär.

Işgärlere berilýän ýeňillikler satyn alynýan Öýüniň doly bahasyna çenli bolan töleg möçberi hökmünde Bank tarapyndan kabul edilýär.

8. Öýi doly bahasyndan satyn alýan Karz alyjylar Öýüň bahasynyň 10 göterimden az bolmadyk möçberini tölän ýagdaýynda, gozgalmaýan emläk üçin karzyň möçberi onuň bahasynyň 90 göterimden ýokary bolmadyk möçberde bellenýär.

## II. Gozgalmaýan emläk üçin karz bermegiň esasy döwürleri we amallary

9. Karz alyjy bilen geçirilýän deslapky söhbetdeşlik.

Öýi satyn alan Karz alyjylar bilen gozgalmaýan emläk üçin karz bermegiň şertleri, bu karzy üpjünçiliginiň we resmileşdirmegiň tertibi boýunça Bankyň bildirýän talaplary barada mümkin bolan has doly maglumaty üpjün etmek üçin deslapky söhbetdeşlik geçirilýär. Deslapky söhbetdeşligiň dowamynda Karz alyjylar, şu aşakdakylary goşmak bilen, zerur bolan maglumatlary alýarlar:

a) Karz alyjynyň tölege ukyplylygyna Bankyň bildirýän talaplary – Karz alyjynyň Öýi satyn almak bilen bagly çykarmaly çykdajylarynyň, şeýle hem Karz alyjynyň girdejilerinde umumy borçnamalarynyň paýynyň aňrybaş çägini belleýän koeffisiýentler;

b)Karz alyjy hakynda maglumatlary tassyklamak üçin zerur bolan resminamalaryň sanawy;

ç) Bankyň gozgalmaýan emläk üçin karz beren öýüniň hukuk derejesine bildirýän talaplary.

Bankyň karz bölüminiň işgäri deslapky söhbetdeşligiň dowamynda, şu aşakdaky kesgitlemeleri hem goşmak bilen, gozgalmaýan emläk üçin karz boýunça käbir deslapky hasaplamalary geçirmelidir:

gozgalmaýan emläk üçin karzyň möçberini;

Karz alyjynyň gozgalmaýan emläk üçin karzy we ol boýunça göterimleri tölemegiň hasabyna her aýdaky deslapky tölegleriniň möçberini;

karzy resmileşdirmek bilen baglanyşykly çykdajylaryň takmynan möçberini.

Bu hasaplamalaryň maglumat-maslahat beriş häsiýetlidigi, Bankyň gozgalmaýan emläk üçin karzyň möçberi we karzlaşdyrylyşy babatda Karz alyjynyň öňünde hiç hili borçlary öz üstüne almaýandygy hakynda Karz alyja duýdurylmalydyr.

10. Gozgalmaýan emläk üçin karzy almaklyga Karz alyjynyň tabşyrmaly resminamalarynyň sanawy:

Karz alyjynyň arzasy;

Karz alyjynyň pasportynyň nusgasy;

Öýüň bahasynyň 90 göteriminden ýokary bolmadyk möçberde karzlaşdyrylan ýagdaýynda, ilkibaşdaky töleg möçberiniň geçirilenligini tassyklaýan resminamalar;

nika baglaşylandygy hakynda şahadatnamanyň nusgasy ýa-da nikada durmaýandygy barada güwänama;

Karz alyjynyň satyn alýan Öýünde ýazgyda duran kämillik ýaşyna ýeten maşgala agzalarynyň (ýazgyda hiç-kim bolmadyk ýagdaýynda aýalynyň (äriniň)) satyn alnan öýi girewine goýmaga ýazmaça razylygy;

Karz alyjynyň ýazgyda durandygy hakynda güwänama;

Karz alyjynyň we zerur halatda onuň bilen bir ýerde ýaşap, umumy hojalygy ýöredýän aýalynyň (äriniň) we kämillik ýaşyna ýeten maşgala agzalarynyň eýeleýän wezipeleri we zähmet hakynyň möçberini görkezmek bilen, iş ýerinden güwänama;

Karz alyjy talyp ýa-da pensiýa alýan raýat bolup durýan bolsa, onda onuň degişli edarasy tarapyndan talyp ýa-da pensiýa haky barada güwänama;

zamun bolup çykyş edýän şahslaryň ýazmaça beren razylygy we olaryň passportlarynyň nusgalary, eýeleýän wezipelerini we zähmet hakynyň möçberini görkezmek bilen, iş ýerinden güwänama;

hususy telekeçiler salgyt hasabyna goýlandygy hakynda şahadatnamasynyň, hereket edýän patentiniň (ygtyýarnamasynyň) we soňky hasabat döwri üçin girdejileri (arassa peýdasyny görkezmek bilen) hakyndaky jarnamasynyň göçürme nusgalaryny hem-de Türkmenistanyň Döwlet salgyt gullugynyň edaralary tarapyndan girdejisini tassyklaýan kepilnama;

Karz alyjy bilen satyjynyň arasynda Öýi satyn almak - satmak baglaşylan şertnamanyň nusgasy (zerur bolan ýagdaýynda - Öýüň hakyky bahasy barada hasap-faktura);

satyn alnan Öýüň hususy eýeçiligindäki gozgalmaýan emläge bolan hukugy baradaky şahadatnamanyň, tükelleýiş işiniň hem-de öý kitabynyň nusgalary.

Berlen maglumatlaryň ygtybarlylygy barada şübhelenmeler dörän halatynda Bank karzy bermekden öň olary barlap biler, şondan soň karzy bermegiň maksada laýyklygy hakynda çözgüt kabul edilýär.

Karz alyjynyň arzasy resminamalaryň doly bukjasy bilen birlikde, Bank tarapyndan ýörite döredilen hasaba alyş kitabynda hasaba alynýar.

11. Bankyň karz bölüminiň işgäri toplanan maglumatlar esasynda gozgalmaýan emläk üçin karz alyjynyň Maglumatnamasyny (1-nji Goşundy) doldurýar we görkezilen maglumatlaryň dogrudygyny gol çekmek bilen tassyklaýar.

Karz alyjynyň Maglumatnamasy esasy resminamalaryň biri bolmak bilen, gozgalmaýan emläk üçin karz bermek hakynda karz topary tarapyndan çözgüt kabul edilen ýagdaýynda, onuň esasynda gozgalmaýan emläk üçin karzyň möçberi, her aýdaky tölegleriniň möçberleri, ony üzmegiň möhletleri barada ähli gutarnykly hasaplamalar geçirilýär. Gozgalmaýan emläk üçin karz bermek hakynda oňyn çözgüt kabul edilende, bu hasaplamalar Bankyň öz üstüne alýan töwekgelçilikleriniň nukdaýnazaryndan barlanylýar we olara baha berilýär.

Karz alyjy Banka tabşyrýan maglumatlarynyň dogrudygyna şahsy we doly jogapkärçilik çekýär. Bankyň karz bölüminiň işgäri Karz alyjynyň berýän maglumatlarynda bilkastlaýyn ýalňyşlyklary, onuň öz girdejilerini artdyryp görkezmek isleýändigini ýa-da olary resminamalar esasynda tassyklamak islemeýändigini ýüze çykaran ýagdaýynda, Karz alyja gozgalmaýan emläk üçin karz bermekden ret etmekligiň Bankyň hukugy bardygyny hakynda duýdurmalydyr.

## III. Gozgalmaýan emläk üçin karz soraýan şahsyň töleg ukyplylygyna baha bermek

12. Baha bermek işi Karz alyjy hakynda toplanan we resminamalar esasynda tassyklanan maglumatlarynyň seljermesi şu aşakdaky esasy ugurlar boýunça amala aşyrylýar:

a) Karz soraýan şahsyň gozgalmaýan emläk üçin karzy öz wagtynda yzyna gaýtarmak mümkinçiligine baha bermek;

b) koeffisient-deslapky töleg tertibine esaslanyp Karz alyjynyň her aýda geçirmeli tölegleriň jeminiň, Karz alyjynyň

her aýdaky (maşgala agzalary, zamun bolujylary goşmak bilen) girdejisiniň jemine bolan gatnaşygy bilen hasaplanylýar (töleg/girdeji), ol 80 göterimden ýokary bolup bilmez.

Bu amallar berjaý edilenden soňra Bankyň karz bölüminiň işgäri Bankyň karz topary üçin seljermäniň netijenamasyny taýýarlaýar. Netijenamada Karz soraýan şahs boýunça seljermäniň netijesi beýan edilýär.

Bankyň karz topary netijenama esasynda şu aşakdaky çözgüdi kabul edip biler:

beriljek karzyň möçberini, ýeňillikli döwrüni we karzy yzyna gaýtarmagyň möhletini görkezmek bilen, gozgalmaýan emläk üçin karz bermek;

esaslandyryp gozgalmaýan emläk üçin karz bermekden ret etmek.

13. Gozgalmaýan emläk üçin karzyň berilmegi we gozgalmaýan emläk üçin karz şertnamasynyň baglaşylmagy.

Oňyn çözgüt kabul edilen ýagdaýynda, gozgalmaýan emläk üçin karzy resmileşdirmegiň ähli düzgünleri aýdyňlaşdyrylyp, gozgalmaýan emläk üçin karz şertnamany baglaşmagyň düzgüni we möhletleri barada Bank tarapyndan Karz alyja habar berilýär. Gozgalmaýan emläk üçin karzyň möçberi, möhleti we yzyna gaýtarmaklygy öz içine alýan karzyň ähli şertleri barada doly maglumatlar Karz alyja berilýär.

Bankyň karz toparynyň çözgüdiniň netijesi mejlis ýazgysy bilen resmileşdirilýär.

Bankyň hukuk gullugy ähli resminamalaryň hukuk taýdan dogry resmileşdirilendigine, şeýle hem olaryň Türkmenistanyň kanunçylygyna we şu Tertibe laýyk gelýändigine gözegçilik edýär.

Karz alyjynyň arzasynyň hasaba alnan senesinden başlap 15 iş gününiň dowamynda, Bank tarapyndan gozgalmaýan emläk üçin karz bermek hakynda çözgüt kabul edilýär.

Karz bermekden ret edilen ýagdaýynda, onuň sebäpleri ýazmaça görnüşde esaslandyrylýar we müşderä iberilýär.

### IV. Gozgalmaýan emläk üçin karz şertnamasynyň esasy şertleri we ony resmileşdirmegiň tertibi

14.Karz şertnamasynda taraplaryň ady, karzyň möhleti we maksady, karzyň möçberi, ýeňillikli döwri, karzy bermegiň we ony yzyna gaýtarmagyň tertibi, göterim derejesi, karz şertnamasyny bozmagyň tertibi we beýleki esasy şertler resmileşdirilýär.

15. Karz şertnamasyny resmileşdirmek bilen baglanyşykly ähli çykdajylar, Karz alyjynyň hasabyna amala aşyrylýar.

16. Göterimler Bank tarapyndan karzyň berlen pursatyndan başlap her aýda hasaplanylýar. Karz alyjy hasaplanylan göterimleri her aýda töleýär.

17. Karzy yzyna gaýtarmagyň tertibi karz şertnamasynyň aýrylmaz bölegi bolup durýar.

### V. Karz boýunça girew üpjünçiliginiň resmileşdirilişi

18. Türkmenistanyň kanunçylygynda we şu Tertipde göz öňünde tutulan talaplara laýyklykda, Karz alyjynyň satyn alan Öýi gozgalmaýan emläk üçin karzy yzyna gaýtarmagyň üpjünçiligi bolup durýar.

19. Bank girewine goýulan Öýüne Karz alyjynyň şol Öýiň satyn almak-satmak baglaşylan şertnamadaky umumy bahasyna esaslanyp baha kesip bilýär.

20. Karz alyjy Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda satyn alan Öýüni girew hökmünde resmileşdirmäge borçlanýar.

21. Girew şertnamasy resmileşdirilen wagtynda girew emlägi kanunda bellenilen tertipde bellige alynýar we girew saklaýjynyň habary bolmazdan, Öýi satmak, sowgat bermek gadagan edilýär hem-de bu barada girew şertnamasynda bellenilýär.

22. Öýüň hususy eýeçiligindäki gozgalmaýan emläge bolan hukugy baradaky şahadatnamanyň asyl nusgasy Karz alyjyda saklanylýar.

23. Karz alyjy girew şertnamasyny resmileşdirmezden öň degişli kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň talaplaryna laýyklykda, Öýi gozgalmaýan emläk üçin karzyň tutuş möhletine ätiýaçlandyryş töleglerini döwürleýin tölemäge borçlydyr. Ätiýaçlandyryş töwekgelçilikleriniň görnüşleri Bank tarapyndan kesgitlenilýär.

24. Girewe goýlan Öýüň ýagdaýyna Bankyň barlag geçirmäge hukugy bardyr.

25. Girewe goýlan Öýe tötänleýin zelel ýetende (şol sanda ýykyp aýyrlanda) Karz alyjy jogapkärçilik çekýär.

26. Eger Karz alyjynyň jogapkärçiligine degişli bolmadyk ýagdaýlar boýunça girewe goýlan Öý gidirlen ýa-da oňa zelel ýetmegi netijesinde gozgalmaýan emläk üçin karzyň borçnamalarynyň üpjünçiliginiň gymmaty azalan bolsa, Bankyň girew esasynda üpjün edilen borçnamalaryň möhletinden öň ýerine ýetirilmegini, şol sanda ätiýaçlandyryşyň hasabyna öweziň dolmagyny, talap etmäge hukugy bardyr.

Gozgalmaýan emläk üçin karz doly yzyna gaýtarylandan soňra, Bank tarapyndan karz bergisiniň ýokdugyny tassyklaýan resminama Karz alyja berilýär.

## VI. Gozgalmaýan emläk üçin karz şertnamasyny ýerine ýetirmezligiň ýa-da talaba laýyk ýerine ýetirmezligiň getirýän netijeleri

27. Karz alyjy tarapyndan karzy yzyna gaýtarmagyň tertibi bozulan ýagdaýynda Bankyň şu aşakdakylara hukugy bar:

tölegler 3 aýdan ýokary gijikdirilse – Karz alyjynyň girdeji çeşmelerine seljerme geçirmek;

tölegler 6 aýdan ýokary gijikdirilse ýa-da Karz alyjy tölegi tölemäge ukypsyz ýagdaýynda, bilkastlaýyn tölemeýän bolsa – karz boýunça borçnamanyň ýerine ýetirilmegini haýal etmän Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde talap etmek.

28. Bankyň bähbidini goramak, şeýle hem mümkin bolan ýitgileriň öwezini dolmak hem-de karzlaryň gaýtarylmagyny kepillendirmek üçin, girew şertnamasy esasynda resmileşdirlen gozgalmaýan emläk girewi – Öýi, Karz alyjy tarapyndan Öý meýletin yzyna tabşyrylan ýa-da Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde Karz alyjynyň hususy eýeçiliginden alnan halatynda, Karz alyjynyň Bankdan alan karz pul serişdeleri doly yzyna gaýtarmak şerti bilen Öýi ýerlemek hukugy Öýi ilkibaşda ýerlän edara berilýär.

Şu bölümiň birinji bendinde görkezilen şertlerde, Öýi ýerleýän edara tarapyndan Öýi üçünji tarapa ýerlemek işleri geçirip, bu öýi aljak raýat boýunça çözgüt kabul edilenden hem-de ol bilen satyn almak-satmak şertnamasy baglaşylandan soň, raýat banka ýüz tutan ýagdaýynda, Bank tarapyndan raýata şu Düzgünnamanyň şertlerinde Türkmenistanyň Merkezi bankynyň serişdeleriniň hasabyna, bellenilen tertipde karz we girew şertnamalary resmileşdirmek bilen karz berlip bilner. Şu şertlerde berlen karzy ilkibaşdaky Karz alyjynyň Bankyň öňünde dörän karz boýunça bergilerini gaýtarmaklyga gönükdirilýär.

## VII. Miras almagyň meseleleri

29. Karz alyjy aradan çykan ýagdaýynda mirasdar Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda kesgitlenýär we Karz alyjynyň karz borçnamasy mirasdara geçýär.

**Türkmenistanyň Merkezi bankynyň müdiriýetiniň başlygynyň 2014-nji ýylyň aprel aýynyň «25» çykaran №156-iş buýrugy bilen tassyklanylan, Türkmenistanyň raýatlaryna Aşgabat şäherinde täze gurlan jaýlardan öýleri satyn almaga gozgalmaýan emläk üçin karz bermegiň Tertibine**

*1-nji Goşundy*

## KARZ ALYJYNYŇ MAGLUMATNAMASY

**1. Karz alyjy hakynda umumy maglumatlar**

Familiýasy, ady, atasynyň ady: ______________________________
Doglan güni, aýy, ýyly: ______________________________
Ýazga alnan ýeri boýunça salgysy: ______________________________
Hakyky ýaşaýan ýeriniň salgysy: ______________________________
Işleýän ýeri: ______________________________
Işleýän ýeriniň salgysy: ______________________________
Görkezilen iş ýeri boýunça işlän döwri: ______________________________
Wezipesi: ______________________________
Hususy Telekeçiler üçin:
Alyp barýan işleriniň (bar bolan patentlere we ygtyýarnamalara laýyklykda) görnüşleri: ______________________________

______________________________

Telefon belgileri: öý ______________ iş ______________ el __________
Maşgala ýagdaýy: ______________________________
Eklenjindäki adamlaryň sany: ______________________________
Bilimi: ______________________________

**2. Karz alyjynyň girdejileri hakynda maglumatlar**

Soňky ýarym ýylda ortaça aýlyk girdejisi:
esasy iş ýeri boýunça: ______________________________
utgaşdyryp işleýän ýeri boýunça: ______________________________
pensiýa: ______________________________
göterimleri, goýan goýumlary boýunça girdejileri: ______________________________
beýleki girdejileri (nähili girdejileriniň bardygyny görkezmeli): ______________________________

______________________________

JEMI ______________________________

Hususy Telekeçiler üçin:
Soňky hasabat döwründe girdejileriniň möçberi: ______________________________

2.2. Maşgala agzalarynyň ortaça aýlyk girdejisi: ______________________________

JEMI maşgalanyň girdejisi: ______________________________

2.3. Zamun bolujynyň (-laryň) ortaça aýlyk girdejisi ______________________________

______________________________

JEMI maşgala bilen zamun bolujynyň bilelikdäki girdejisi: ______________________________

**3. Karz alyjynyň hökmany tölegleri we bergi borçnamalary hakynda maglumatlar**

Her aýda tutulýan pullar we tölegler:
alimentler ______________________________
ýerine ýetiriş kagyzlary boýunça tutulýan pullar ______________________________

Beýleki karzlar boýunça bergileriň üzülişi we göterimleriň tölenilişi: hawa/ ýok (gereklisiniň aşagyny çyzmaly)
Eger jogap «hawa» bolsa, aşakdaky görnüşi dolduryň:

| | |
|---|---|
| Karz beriji bankyň (bölüm, şahamça), ýerleşýän ýeri | |
| Karzyň alnan senesi | |
| Karzyň maksady | |
| Karz boýunça bergiň galan bölegi | |
| Üzülmeli möhleti | |
| Karzy üzmegiň tertibi (döwürleýindigi, tölegleriň möçberi) | |
| Göterimleri tölemegiň tertibi (derejesi, döwürdeýindigi) | |
| Şol sanda möhleti geçen bergiler | |

Berlen zamunlyk boýunça borçnamalar: hawa/ýok (gereklisiniň aşagyny çyzmaly)
Eger jogap «hawa» bolsa, aşakdaky görnüşi dolduryň

| | |
|---|---|
| Zamunlyk kim üçin berildi | |
| Zamunlygy berlen gurama ýa-da adam | |
| Zamunlygyň möçberi (eger göterime-de degişli bolsa, derejesini görkezmeli) | |
| Zamunlygyň hereket ediş möhleti | |
| Üpjünçilik üçin berlen zamunlyk boýunça esasy bergi borçnamasynyň galan bölegi | |

beýleki tölegler (nähili töleglerdigini görkezmeli) ______________________________

______________________________________________

JEMI______________________________________________

**4. Satyn almaklyga gozgalmaýan emläk üçin karz soralýan öý hakynda maglumatlar**

Öýi satyn almak-satmak şertnama: № ________ 20____-nj_ ýylyň ____________________ aýynyň «_____»
Satýan guramanyň doly ady ______________________________________________
Satyn alnýan gozgalmaýan emlägiň esasy häsiýetnamalary:
görnüşi (jaý, öý we ş.m.) ___________________________meýdany ________ined.m.
otaglarynyň sany ______________şertnama boýunça bahasy ________________
Öz serişdeleriniň hasabyna öňünden tölemek göz öňünde tutulýan tölegiň möçberi: ________________________manat
Karz serişdeleriniň zerurlygy (ýokarda görkezilen öňünden tölemek göz öňünde tutulýan möçber aýrylanda, hakyky bahasy) ______________________________________________ manat.

**5. Karz alyjynyň emlägi hakynda maglumatlar**

Geçginli serişdeler
Bank hasaplaryndaky serişdeleri:

| Bankyň ady we ýerleşýän ýeri | Hasapdaky serişdesiniň möçberi |
|---|---|
| | |
| | |

Gozgalmaýan emläk

| Gozgalmaýan emlägiň görnüşi (obýekti) | Anyk salgysy |
|---|---|
| | |
| | |
| | |
| | |

Ulag serişdeleri

| Görnüşi | Kysymy, nusgasy | Öndürilen ýyly |
|---|---|---|
| | | |
| | | |
| | | |

Beýleki emlägi

______________________________________________________________

______________________________________________________________

**6. Karz alyjy hakynda beýleki maglumatlar**

Siz ýaşaýyş jaýlardan öýi gozgalmaýan emläk üçin ýeňillikli ýyllyk 1 göterimli karz serişdesini aldyňyzmy? hawa/ýok (gereklisiniň aşagyny çyzmaly).

«Şu maglumatnamada görkezilen maglumatlaryň dogrudygy üçin doly jogapkärçilik çekýärin. Meniň görkezen maglumatlarymyň dogrudygyny doly barlamaga razylyk berýärin».

Karz alyjynyň goly: ___________________________________
Senesi: ______________________________________________

Maglumatnamany alan karz bölüminiň işgäri

______________________________________________________________
(A.A,a.F., eýeleýän wezipesi)

(goly)________________________

Esaslandyryjy – Türkmenistanyň Merkezi banky
Aşgabat ş., Bitarap Türkmenistan şaýoly, 36
Tel.: 38-10-27, faks: 92-08-12

Учредитель – Центральный банк Туркменистана
ш.Ашхабад., пр. Битарап Туркменистан, 36
Тел.: 38-10-27, факс: 92-08-12